Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 61 (144) 2025-nji ýylyň 20-nji noýabry




## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň ýedinji konsultatiw duşuşygyndaky ÇYKYŞY

*(Daşkent şäheri, 2025-nji ýylyň 16-njy noýabry)*

**Hormatly Şawkat Miromonowiç!**
**Hormatly döwlet Baştutanlary!**

Sizi mübäreklemäge we bildirilen myhmansöýerlik hem-de şu sammitiň ýokary guramaçylyk derejesi üçin Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti hormatly Şawkat Miromonowiç Mirziýoýewe tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirmäge rugsat ediň! Ilham Geýdarowiç Aliýewi Azerbaýjanyň biziň formatymyza doly hukukly agza hökmünde goşulmagy bilen gutlamak isleýärin.

**Hormatly döwlet Baştutanlary!**

Sebit derejesinde, şeýle-de halkara meýdançalarda, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerinde ýakyn syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygymyzy dowam etdirmegi möhüm hasaplaýaryn.

**Hormatly döwlet Baştutanlary!**

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ägirt uly mümkinçilikleri sebitiň ähli döwletleriniň bähbidine ykdysady hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de işjeňleşdirilmegini talap edýär. Ulag, energetika, söwda ulgamlaryny, senagat we tehnologik kooperasiýany strategik ugurlaryň hatarynda bellemek isleýärin.

Häzirki wagtda Merkezi Aziýa esasy halkara ähmiýetli üstaşyr ulag geçelgesi hökmünde garalýar. Ykdysady, maýa goýum işjeňliginiň Gündogar we Günorta Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogara geçýändigini nazara almak bilen, sebitimiziň bu ornunyň barha artjakdygy mälimdir.

Biziň ýurtlarymyza ulag hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek zerurdyr. Munuň üçin Gündogar — Günbatar we Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça utgaşdyrylan geçelgeleri döretmäge girişmek gerek diýip hasaplaýaryn. Döwrebap, köpşahaly, netijeli, durnukly ulag-logistika infrastrukturasyny döretmek üçin tagallalaryň birleşdirilmeginiň döwletlerimiziň strategik bähbitlerine laýyk gelýän mynasyp maksatdygyna ynanýaryn. Şeýle hem Türkmenistan energetika hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak boýunça anyk işleri ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr. Şunda gürrüň diňe turba geçirijiler bilen baglanyşykly taslamalar barada barmaýar. Bu gün biz elektroenergetika hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň, sebitimizde we onuň töwereklerinde kuwwatly önümçilik, elektroenergiýa sarp ediş ulgamyny döretmegiň möhümdigini nygtaýarys. Şeýlelikde, bolup biläýjek daşarky oňaýsyz şertleriň täsirine durnukly elektrik üpjünçilik ulgamy üçin ygtybarly serişde binýady dörediler.

Senagatda we obasenagat toplumynda önümçilik zynjyrlarynyň döredilmegini, ýurtlarymyzyň çäklerinde dürli ugurly bilelikdäki kärhanalary döretmäge işewür toparlaryň has işjeň gatnaşmagyny, serhetýaka, sebit söwdasynyň giňeldilmegini wajyp wezipeleriň hatarynda görýäris. Deňhukuklylyk, birek-biregiň bähbitlerine hormat goýmak, özara düşünişmek, raýdaşlyk esasynda sebitde suw meseleleri boýunça hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna umyt edýäris. Umuman, sebitde ekologik meselelerde, ilkinji nobatda, Araly halas etmek we çölleşmek ýaly meselelerde bilelikdäki tagallalaryň işjeňleşdirilmegi ugrunda çykyş edýäris. Merkezi Aziýada ekologik meseleleri çözmäge BMG-niň düzümleriniň gatnaşmagyny, sebitde onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň döredilmegini goldaýarys. Birleşen Milletler Guramasynda ýurtlarymyzyň ylalaşykly ekologiýa diplomatiýasynyň döredilmeginiň, Merkezi Aziýanyň meselelerine halkara jemgyýetçiligiň ünsüniň çekilmeginiň zerurdygyna ynanýarys.

Ynsanperwer hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi hem biziň üçin hemişe ähmiýetli bolar.

**Hormatly döwlet Baştutanlary!**

Türkmenistan Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň nobatdaky konsultatiw duşuşygynda başlyklygy kabul etmek bilen, biziň agzybirligimizi we jebisligimizi pugtalandyrmak, ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmek, sebitiň daşarky maýa goýumlar we energetika, ulag, kommunikasiýa hem-de beýleki ulgamlarda iri halkara taslamalar üçin özüne çekijiligini artdyrmak üçin ähli tagallalary eder.

Sözümiň ahyrynda ýurtlarymyzyň doganlyk halklaryna parahatçylyk, rowaçlyk, abadançylyk arzuw edýärin.




### TEST COMPETITION WAS HELD

On November 10, 2025, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted a test competition among students of the Faculty of International Journalism.

The event was organized by the Department of Theory and Practice of Journalism.

During the competition, participants demonstrated their knowledge by answering questions prepared on the bases of the book «Hakyda Göwheri» by the National Leader of the Turkmen people Hero Arkadag.

The work — considered a pearl of wisdom, based on rich historical materials and reflecting the spiritual and cultural heritage of the Turkmen people — served as a valuable source of inspiration for young journalists. The test assignments helped deepen students' understanding of the country's culture, traditions, and historical legacy.

Based on the results of the competition, students who achieved the highest scores received souvenirs from the organizers as a recognition of their diligence, enthusiasm for learning, and creative approach to studying the nation's spiritual heritage.



### СОСТОЯЛИСЬ ОБРАЗОВАТЕЛЬНО-ПРОСВЕТИТЕЛЬСКИЕ ВСТРЕЧИ ПО РАЗЪЯСНЕНИЮ СИМВОЛИКИ МЕЖДУНАРОДНОГО ГОДА МИРА И ДОВЕРИЯ

12 ноября 2025 года в средних школах городов Ашхабада и Аркадага, в том числе, в специализированной средней школе №6 города Ашхабада с углублённым изучением точных наук и английского языка, в соответствии с утверждённым планом, состоялись образовательно-просветительские встречи по разъяснению символики Международного года мира и доверия, проведенные преподавателями и студентами Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана. Спикеры призвали учащихся постоянно популяризировать и неуклонно развивать в себе такие национальные черты туркменского характера, как трудолюбие, честность, искренность, милосердие, патриотизм, справедливость и всегда руководствоваться ими в повседневной жизни.



«Ýaş diplomatyň sesi».

# TURKMEN-UZBEK RELATIONS: COOPERATION FOR PROSPERITY

Central Asia is the center of advanced civilizations in ancient and medieval times, trade, science, knowledge, and culture. There is such a saying in antiquity. In the Middle Ages, all trade routes began from Merv. Indeed, such large cities as Merv, Nisa, Samarkand, Abywerd, Bukhara, Fergana, and Gurgench were the largest cultural and socio-economic centers of the Middle Ages. Of course, this historical region was also a unique bridge between the East and West. The positive cooperation among the Central Asian states in this area deserves special mention. In this regard, the ancient rooted relations between the Turkmen and Uzbek peoples are the best example for it.

The Central Asian region today is demonstrating to the world a high model of unity, good neighborliness, and comprehensive development. Today, thanks to the joint efforts of the regional states, Central Asia has become more united, stronger, more open for positive cooperation and dialogue, and therefore its influential role in the international space is growing. It is considered a positive space of opportunities and a region that is stable in economic and political terms. In the conditions of changing geopolitical and geoeconomic situations, the development of bilateral cooperation in international relations is an important task. In this regard, the bilateral cooperation between Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan plays an important role.

Diplomatic relations between the two friendly states were established on February 7, 1993. In 1996, the Turkmen Embassy was opened in Tashkent, and in 1995, the Uzbek Embassy in Ashgabat. Definitely, these relations contributed to the further expansion of political-diplomatic, trade-economic, and cultural-humanitarian spheres. The Concept of the “Foreign Policy Strategy of Turkmenistan for 2022-2028”, adopted in 2022, attaches great importance to cooperation with neighboring countries, in particular with the Republic of Uzbekistan. The Cooperation Program for 2025-2026, signed between the foreign policy agencies of Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan on January 26, 2025. It is a vivid example of this statement.

Also, the “Turkmenistan-Uzbekistan-Azerbaijan” trilateral meeting held in the “Avaza” national tourist zone in the Year of International Peace and Trust is worthy to note. This high-level forum contributed to the strengthening of cooperation between two friendly states. The two brotherly countries also further expanded cooperation within the framework of the “Central Asia - Italy”, “Central Asia - United States of America” and “Central Asia - European Union” forums which were held in 2025.



The official visit of the our esteemed President to the Republic of Uzbekistan on November 16-17, 2025 opened a new page in bilateral relations. During the visit, the our esteemed President participated in the VII Consultative Meeting of Heads of State of Central Asia. This high-level state visit of the our esteemed President marked the beginning of a new era in bilateral cooperation. The interstate and intergovernmental documents on various systems were signed during the visit are new legal instruments for these relations.

The trade and economic sphere is an important area of cooperation between the two countries. The trade turnover between Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan amounted to 1 billion US dollars in 2024. Moreover, 90% of it is made up of export goods from our country to the neighboring state. It is planned to increase this amount to 2 billion US dollars by 2025. Of course, this proves the development of trade and economic cooperation between the two brotherly peoples. Enterprises of Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan jointly hold several trade and economic forums and discuss future programs to be implemented in this area.

The ancient relations between the two nations in the cultural and humanitarian sphere are exemplary. Such scholars and poets as Alisher Navoi, Abu Nasyr al-Farabi, Ibn Sina are also great figures who have shaped the Turkmen and Uzbek peoples. The spheres of science and education, culture and tourism are important areas of cooperation in this area. The Days of Culture of the Republic of Uzbekistan, held in Ashgabat in November 2024, were of great importance.

Today, permanent Neutral Turkmenistan is recognized in international relations as a peace-loving and respected state in the Central Asian region. Our country attaches great importance to bilateral relations with neighboring countries. The positive cooperation between the Turkmen and Uzbek peoples is an example in this field. The official visit of the our esteemed President to the Republic of Uzbekistan was the beginning of a new era of this fruitful cooperation.

**Shatlyk HEMRAYEV,**
the 4th year student of the
Faculty of International Relations

# PARAHATÇYLYGYŇ ÝAŞ ÇAPARLARY:
## TÄZE MÖWSÜM, TÄZE ŞYGAR, TÄZE MEÝDANÇA

2025-nji ýylyň 5-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň V möwsüminiň I saýlama oýny geçirildi.



Gahryman Arkadagymyzyň ýörite Karary esasynda türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň düzüminde döredilen Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda badalga berlen V möwsümi «Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan — parahatçylyk syýasatynyň hem-de özara ynanyşmak dialogynyň merkezi» atly umumy şygar astynda geçirilýär. Bu bolsa ýaş nesilleriň hemişelik Bitarap döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyna bolan gyzyklanmalarynyň artmagyna uly goşant goşýar. Möwsümiň ilkinji saýlama oýny «Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylyk taglymaty — Bitaraplyk syýasatynyň mizemez binýady» atly tema bagyşlanyldy.

«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň V möwsüminiň I saýlama oýnuna Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine we ynsançylyk ugurly okuw derslerine ýöriteleşdirilen 143-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Merjen Annaýewa, Aşgabat şäherindäki iňlis dili we matematika derslerine ýöriteleşdirilen 49-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Arzygül Agöýliýewa, Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 12-nji synp okuwçysy Hydyr Durdyýew, Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 7-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Aýnur Araztuwakowa, Aşgabat şäherindäki 108-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Aýjemal Orazowa, Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň Şatlyk şäherindäki takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 12-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Jumamyrat Orazmyradow, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherindäki iňlis dili, fizika we matematika dersleri çuňlaşdyrylyp öwredilýän 22-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Ogulşirin Nepesowa dagy gatnaşdylar. Ýeri gelende bellesek, akyl-paýhas bäsleşigi täzelenen, döwrebap meýdançada geçirildi.



Akyl-paýhas bäsleşiginiň V möwsüminiň I saýlama oýnuna «Pähimdarlar geňeşiniň» agzalary hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Begenç Karaýew, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymy Läle Aşyrowa, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy Nazar Meredow dagy adalatly eminlik etdiler.

Gyzgalaňly geçen bäsleşigiň netijelerine laýyklykda, ***Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 12-nji synp okuwçysy Hydyr Durdyýew*** we ***Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň Şatlyk şäherindäki takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 12-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Jumamyrat Orazmyradow*** ýeňiş gazanmagy başardylar.



Akyl-paýhas bäsleşiginiň V möwsüminiň I saýlama oýnuna Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy hem-de Türkmenistanyň Milli Ýaýyjylyk federasiýasy hemaýatkärlik etdiler. Bäsleşigiň ýeňijileri we gatnaşyjylary Hormat hatlary hem-de hemaýatkärler tarapyndan taýýarlanylan ýadygärlik sowgatlar bilen sylaglanyldy.

**Ýhlas HALLYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.

***2025-nji ýylyň 18-nji noýabrynda Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasyndaky (Maşat ş.) Baş konsuly Guwançmyrat Ataýew bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Horasan Rezawi welaýatynyň häkimi Golamhosseýn Mozaffariniň arasynda duşuşyk geçirildi.***

# Gutly bolsun ýaşlar, Ýaşlar baýragy! Mübärekdir bu gün Ýaşlar baýramy!

*16-njy noýabrda paýtagtymyzdaky Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde ýurdumyzyň zähmetde, döredijilikde aýratyn tapawutlanan ýaşlaryna Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň döredilen güni mynasybetli her ýyl geçirilmegi däbe öwrülen dabara döredijilikli zähmeti bilen döwrümiziň ösüşlerine goşant goşýan bagtyýar ýaşlar gatnaşdylar. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplarynyň hem bolmaklygy guwandyryjydyr. Biz hem gazetimiziň şu sanynda talyp deň-duşlarymyzyň ýürek buýsançlaryny okyjylarymyz bilen paýlaşmagy müwessa bildik.*

### Aýşirin DÖWLETOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby:



— Duýgulardan pürepür sahabatly güýzüň bagtyýar şu güni ýaşlaryň hasyl bolan arzuwlary bilen utgaşyp, ýakymly pursatlary döredýär. Elbetde, zehinli, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda öňdebaryjy, ukyp-başarnykly ýaşlaryň arasynda adyň tutulmagy diýseň ýakymly duýgy.

Ýaşlar baýragy – ýaşlygyň uly serpaýy, ýaşlaryň toýy. Bu arzyly baýrak biz – ýaşlara öz saýlap alan hünärmiziň çuňluklaryna aralaşmaga itergi berip, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşip, agzybirlikde döredijilikli zähmet çekmäge ruhlandyrýar. Her bir güni taryhyň şöhratly sahypalaryndan orun alýan şeýle ajaýyp döwrümizde menzil-menzil ýol aşyp, üstünliklerden üstünlige ýetmek hemmämize nesip etsin!

Biz – geljekki halkaraçy žurnalistler hökmünde bütin dünýäde milli diplomatiýamyzy dabaralandyrmak bilen, ata Watanymyzyň belent ösüş-özgerişlerini dünýä ýaýmakda, KHBS-de belentden wasp etmekde yhlasymyzy gaýgyrmarys!

### Aýnur HUDAÝBERGENOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby:



— «Guş ganatsyz bolmaz, adam arzuwsyz» diýlişi ýaly, her bir ynsanyň kalbynda beslän ýürek arzuwlary bolýar. Bu gün meniň hem durmuşymda iň bir ýatdan çykmajak, tolgundyryjy wakalara beslenen günleriň biri. Ýaşlygymyzyň iň bir arzyly, ajaýyp pursatlarynda — talyplyk ýyllarymyzda Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi bolmagym biz üçin uly sarpa, belent mertebe. Erteki deýin arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda çeken ujypsyzja zähmetiňe ýokary baha berilmegi, ýagty ertirlerimize bolan ynamymyzy artdyrýar, geljegimize ýagty ýol açýar.

Geljekde hem Gahryman Arkadagymyzyň peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz ýaşlar üçin edýän taýsyz tagallaryna jogap edip, ýaş halkaraçy žurnalistler hökmünde ýurdumyzyň ösüşli menzillerini, ýetilýän ähli belent sepgitleri köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde yzygiderli ýaýbaňlandyryp, öz döredijilik eserlerimizde mynasyp wasp ederis!

### Hojamyrat Baýlyýew, Halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby:



— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyz Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan, hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän özgertmeler esasynda ösüşlerden ösüşlere tarap ynamly öňe barýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda her bir günümiz toýdur baýramlara beslenýär. Ine, bu gün hem ýaş nesilleriň arasynda iň möhüm wakalaryň biri bolup durýan Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Elbetde, bu baýraga mynasyp bolmak maňa-da miýesser etdi. Bu gün meniň durmuşymda ýatdan çykmajak günleriň biri boldy.

Bu günki gün açylýan täze-täze okuw jaýlary, sport desgalary we geçirilýän bäsleşikler munuň aýdyň subutnamasydyr.

Goý, biz ýaşlara şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri rowaçlyklardan rowaçlyklara beslensin!

### Taňryguly GELDIMÄMMEDOW, Halkara gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby:



— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda uly ösüşler gazanylyp, belent sepgitlere ýetilýär. Şeýle ösüşleriň netijesinde bolsa, ýurdumyzyň her bir güni toý-baýramlara, şatlykly wakalara beslenýär. Bu ýyl hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýy dabaraly ýagdaýda bellenilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şeýle toýly günlerinde ýurdumyzda alnyp barylýan hoşniýetli içeri we daşary syýasatymyzy, durmuşa geçirilýän beýik özgertmeleri, halkymyzyň aýratyn hem ýaşlaryň arasynda wagyz-nesihat etmekde gazanan üstünliklerini, ýokary döredijilik başarnygyny hem-de işjeňligini görkezenligi üçin birnäçe deň-duşlarymyza Türkmenistanyň Ýaşlar baýragy gowşuryldy. Olaryň arasynda özümiň hem bardygyma örän begenýärin.

Pursatdan peýdalanyp, şeýle giň mümkinçilikler üçin hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza çäksiz alkyşlarymy aýdýaryn!

### Şyhdurdy ŞYHYÝEW, Halkara gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby:



— Türkmenistanyň Ýaşlar baýragyna mynasyp bolmak — bu diňe bir sylag däl, eýsem, kalbymy Watana bolan söýgi, buýsanç we jogapkärçilik duýgusyna beslän ägirt uly ynamdyr.

Ýaşlyk döwri — bu gözlegler, synaglar we tutanýerlilik döwri. Ömrümiziň iň arzyly pursatlarynda şeýle uly ynamyň eýesi bolmaklygymyz, biz ýaşlary geljekki halkaraçy hünärmenler hökmünde okamaga, öwrenmäge, döretmäge ruhlandyrýar.

Talyplyk ýyllarymda Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi bolmak ugrunda 40-dan gowrak dürli ders bäsleşiklerinde we halkara olimpiadalarynda baýrakly orunlara mynasyp boldum. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, ýagny merkezi gazet-žurnallarda, internet saýtlarynda 80-den gowrak habarlar we makalalar bilen çykyş etdim.

Şeýle buýsançly pursatda öz hünärimde, ýurdumyzyň ylmy we innowasion ösüşiniň öňdebaryjy ýaşlarynyň biri bolmak ugrunda ähli ukyp-başarnyklarymy, bilimimi we güýjümi gaýgyrmajakdygyma ynandyrýaryn!

*Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bu abraýly baýraga ýaşlaryň 426-sy hödürlenip, olaryň 141-si Türkmenistanyň Ýaşlar baýragyna mynasyp görüldi.*

# MÄMMETWELI KEMINE – SÖZ USSADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy netijesinde beýleki ulgamlar bilen bir hatarda türkmen edebiýatyna, sungatyna, taryhyna uly üns berilýär. XVIII asyr türkmen edebiýaty halkyň köp asyrlyk söz sungatynyň ösüş dowamyny beýan edýär. Bu döwürde ýaşan türkmen nusgawy şahyrlarynyň köpüsi halk döredijiligine belent sarpa goýup, onuň many-mazmunyny öz döreden eserlerine siňdiripdirler. Türkmen edebiýatynda uly yz galdyran Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Andalyp, Kemine ýaly çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan söz ussatlary az bolmandyr. Şeýle söz ussatlarynyň biri hem satiriki şahyr Mämmetweli Keminedir.



Özüniň şorta sözleriň we goşgularynyň çeperçilik serişdelerini ýerlikli ulanan ussat şahyr Mämmetweli Keminä tebigat şahyrana zehini eçilipdir. Onuň goşgulary esasan ýaşaýyş-durmuş we söýgi temalaryna degişlidir. Şahyryň aýratynam, söýgi temasyndaky ýazan goşgularynda gözel gyzlaryň diňe bir görk-görmegini, edep-ekramyny taryplamak bilen çäklenmän, gyzlara ajaýyp görki hasaplanýan saçlaryny çeper deňeşdirmeler bilen wasp edýär. Meselem, şahyryň söýgi temasyndaky «Ärsarynyň gyzy», «Dilberim galdy», «Akmeňli», «Ogulbeg», «Zülpüň seniň», «Sözüm bar saňa», «Boýuňa döneýin» ýaly goşgularyny aýtmak bolar. Mämmetweli Kemine «Zülpüň seniň» seniň goşgusynda gyzlaryň saçyny şeýle taryplaýar:

*— Görkezmedi gül ýüzüň, bag Ispihana zülpüň,*
*Äleme anbar saçar, degende şana zülpüň,*
*Neýleýki ot salypdyr, men natuwana zülpüň,*
*Haý-haý seniň ýörişiň arslana şire ogşar,*
*Ala-ala gözleriň janymny iýre ogşar,*
*Halka-halka zülpleriň kementdi dara ogşar,*
*Örüm-örüm saçlaryň owsunjy mara ogşar,*
*Her tary başga-başga ot saldy jana zülpüň*

diýip, şahyr goşgusynda türkmen gyzynyň gözelligi hasaplanýan saçyny ussatlarça özboluşly çeper beýan edipdir. Beýleki goşgulary bilen bir hatarda «Gulpagyň» atly goşgusynda hem gyzlaryň saçyny çeper dilde beýan edipdir.

Türkmen zenanlarynyň gözelligi dünýä ýüzünde belli bolup, irki döwürlerden bäri türkmen ülkesine gelen syýahatçylar, alymlar biziň gelin gyzlarymyzyň gözelligine degişli ençeme gadymy ýazgylary galdyrypdyr. Kemine şahyr hem öz gezeginde gelin-gyzlarymyzyň waspyny eden çet ýurtly syýahatçylaryň aýdanlaryny goşgy setirlerinde şahyranalyk bilen üstüni ýetirýär. Kemine türkmen zenanlarynyň gözellik derejesine ýetmegi üçin olaryň güler ýüzli, mylakatly, asylly, arassa ahlakly, uzyndan örülen şamar gara saçlaryny, ýagny, beýle beýhuş ediji gözelligi şygyr dünýäsinde gaýtalap bolmajak duýgy bilen beýan edipdir. Umuman, şahyryň döredijiligi halkyň, aýratynam, gelin-gyzlarymyzyň ýürek ylhamyny joşdurýar.

«Şygyr sungaty — söz ussatlarynyň paýhasyndan dömüp çykan şahyrana duýgularynyň, möwç urup, joş alýan asylzada edim-gylymlarynyň mesgenidir» diýlişi ýaly, Kemine hem türkmençiligiň ajaýyp edep kadalaryny goşgularyna siňdiripdir.

Gahryman Arkadagymyz: «Indi biz täze döwürde ýaşaýarys. Döredijilik işgärleriniň hem täze döwre öz garaýşy goşandy bolmaly» diýip, örän jaýdar belleýşi ýaly, döredijilikde uly yz galdyran hem-de galdyrjak söz ussatlarymyzyň eserlerini öwrenmegi borjumyz hasaplaýarys. Şygyr bossanynyň beýançylary bolsa, täze-täze eserleri bilen milli gymmatlyklarymyzy, tebigatyň we ynsanyň gözelliklerini wasp ederler, halkyň ruhy güýjüni kämilleşdirerler, ösdürerler.

**Gurbansoltan ALLABERDIÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

# MUNY BILMEK GYZYKLY

Mahmyt Pälwan XIII-XIV asyrlarda ýaşap geçen güýçli pälwan, rubagyçy bolupdyr. Ol rubagy ýazmakda Omar Haýýamdan soňky ilkinji adamdyr. Ol Daşoguzda we Köneürgenç töwereklerinde ýaşap geçipdir. Mahmyt Pälwany göreşde ýeňen bolmandyr. Ol bir gezek bir pälwany ölümden alyp galmak üçin ýeňlen bolupdyr. Hiç wagt özüne artykmaç baha bermändir. Diýseň pespäl adam bolupdyr.

Ärtogrul beg 93 ýaşapdyr. Onuň üç ogly bolup, iň kiçi oglunyň ady Osmandyr. Ärtogrul beg öz tagtyny Osmana tabşyrýar. Oguz atamyzyň agzybirlik we adalatlylyk pähimini ogluna ýatladýar. Osman imperiýasy dünýäni haýran edýär we Osman Gazy derejesine eýe bolupdyr. Osman beg 41 ýaşynda dünýä belli bolýar. Osman imperiýasy 600 ýyllap dowam edýär.

Abdyrahym han hanlaryň hany. Ol hanlaryň hany derejesini alan hindi ýurdunyň patyşasy Baýram hanyň ogludyr. Abdyrahym han serkerdelikden, şahyrçylykdan, köşk işlerinden habarly bolupdyr. Onuň ejesiniň ady Selime soltandyr. Ol Hindistanda mogollar imperiýasyny dikeltmekde köp işler bitiripdir. Halky jany-dili bilen söýüpdir.Halk Abdyrahymy gowy görüpdir. Onuň «Babyrnama», «Humaýun» ýaly eserleri bardyr.

Magtymguly «Totyguş dilli» dessanda 30-a golaý hünär hakynda ýazypdyr. Ony sile aldyranyna gaty gynanypdyr. «Eger-de ol dessan halka gowşandygynda halka uly peýda getirerdi» diýip, gynanjyny beýan edipdir. Onuň Zynuby, Orazmeňli diýen şahyr dostlary we Ussa Gara diýenem hatdady (hat göçürijisi) bolupdyr. Magtymgulynyň örän köp goşgusy silde akypdyr.

Hemedany Abu Ýakup — Abu Ýakup Ýusup ibn Eýýup Hemedany — sopuçylyk taglymatynyň nagyşbendi ugrunyň uly bir wekilidir. Ol 1048 — 1140 ýyllarda ýaşap geçipdir. Ol köp wagtlap Maryda ýaşapdyr we Mary sopularynyň arasynda uly abraýa eýe bolupdyr. Abu Ýakubyň mazary gadymy Mary şäheriniň harabaçylygynda ýerleşýär. Onuň üstünde ýörite metjit salnypdyr.

Hatam Taý-Hatam ibn Abdylla ibn Sa'd Taýy. Jomartlykda meşhur bolan adam (605-nji ýylda aradan çykypdyr).

Magtymgulynyň 700-e golaý goşgusy bize mälimdir. Emma türk alymynyň täze açyşyna görä Özbegistandaky arhiwlerde onuň 900-e golaý goşgusynyň bardygy aýdylýar.

«Ýaş diplomatyň sesi».

# Mugallym hakda kelam agyz söz

* Mugallymy bolmadyk ynsan başga adamdyr.
* Mekdep diýmek käbe diýmekdir. Çünki, mekdebe käbä sygynan ýaly sygynyp bilseň, sen hakyky ynsan bolup bilersiň.
* Mugallym bilim atańdyr.
* Mugallym seniň goluňdan tutup ajaýyp ertire, ýagşy günlere pata berip ugradýan perişdäňdir.
* Ertir ýokary derejä ýeteniňde mugallymyň kim diýerler, eger säwlik goýberseň eneň-ataňy sorarlar.
* Käbäm enem, kyblam atam diýdirip bilýän mugallym hakyky mugallymdyr.
* Mugallym okuwda-da, durmuşda-da mugallymdyr.
* Men özümiň iň bagtly pursatlarym mugallymlarym ýadyma düşýär, illerem şeýledir.
* Durmuşda kynçylyk dörese, mugallymyňy köpräk ýatla, işleriň ýüzugra düzelip gider.



* Mugallymy soramanam tanap bolýar.
* Mugallym näsaglasa halkyny soran köp bolar. Sebäbi ol halyny soraýanlara durmuş beripdi, mekdep bolupdy.
* Ýetginjek wagtym öýümiziň ýanyndan mugallymym geçip barýar. Buýsanç bilen salam berdim. Mähir bilen meniň salamymy alyp geçen mugallymymy görüp begenenim, şu günki ýaly ýadymda.
* Mugallym biziň ykbalymyzdyr. Eger-de olar ynjasa il ynjar, il ynjasa agyr hasrat çekersiň.
* Eger-de mugallym salamyňy almagy kyn görse, onda sen bir ýerde ýalňyşlyk göýberensiň.
* Ene bilen mugallymy keramat hasaplaň. Çünki, olaryň ikisinde-de uly meňzeşlik bardyr.

«Ýaş diplomatyň sesi».

***2025-nji ýylyň 14-nji noýabrynda Almaty şäherindäki Abaý adyndaky Gazak milli mugallymçylyk uniwersitetinde Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky Ilçihanasy tarapyndan Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan maslahat guraldy.***

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Baş redaktor
**Jumaberdi ARTYKOW**

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*

***Jogapkär kätip:*** *A.Kaşaňow.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *O.Çaryýarowa.*

***Bölüm redaktory:*** *J.Gurbangylyjowa.*

***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*

***Korrektorlar:*** *A.Döwletowa, B.Baýhanow.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

**E-mail:**
hgi.redaksiya@gmail.com